# Bägul hatyn we Bäbek hatyn, olaryň ýakynlary

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler,Türkmen dili,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bägul hatyn we Bäbek hatyn, olaryň ýakynlary BÄGÜL HATYN WE BÄBEK HATYN, OLARYÑ ÝAKYNLARY




Bu maglumatlary goýup başlamazymdan öň ilki bilen Kitapçy.ga saýtynyň okyjylaryndan şu salgydaky ***http://www.kitapcy.ru/news/ilbilge_hatyn/2020-03-26-11002*** Ilbilge hatyn barada goýan ýalňyş maglumatlarym üçin ötünç soraýaryn. Her näçe özümize göwnümiz ýetse-de adamyň kellesi kompýuter däl.
Şoňa-da şükür.
Käte öz beýniňdäki maglumatlara arkaýyn bolup, haýsydyr bir

maglumaty beýlekiler bilen paýlaşyp başlaýarsyň. Kelläň gyzybam, ýalňyşýanyňy özüň duýman şol bulaşdyryp gidip otyrsyň. Menem ýokarda görkezilen salgyda Gutlug Ilteriş kaganyň aýaly, Bilge hanyň we Kül teginiň ejesi Ilbilge hatynyň gyz ady “Bäbek” diýip, ony Bilge hanyň aýaly, Tonýukukyň (Daşaýagyň) gyzy Bäbek hatyn bilen bulaşdyryp, ters maglumat beripdirin.
Türkmen: “Zeleliň ýarysyndan gaýtmagam bir peýda”, “hiçden giç ýagşy” diýýär, şunuň ýaly ýerlerde.
Şol ýalňyşlygymy düzetmek üçinem, men görkezilen salgydaky postdan ýalňyş teswirlerimi öçürdim-de, olary düzedip, özbaşyna tema edip goýmagy makul bildim.
Ýene-de bir gezek ýalňyş maglumatlarym üçin okyjylardan ötünç soraýaryn.
Taryhy çeşmelerden belli bolşy ýaly, Ilbilge hatyn – bu, milady ýyl hasaby boýunça VIII asyryň ahyrynda Gutlug Ilteriş kagan tarapyndan dikeldilen Ikinji Beýik Göktürkmen kaganlygynyň hökümdary Bilge hakanyň ejesiniň we döwleti dörediji Gutlug Ilteriş hakanyň aýalynyň tagt ady. Onuň gyz ady Bäkgül (Bägül) – bäk – howply, gül diýen sözleriň goşulmasyndan emele gelip, “howply gül, tikenli gül” diýen manylary aňladýar. Ilbilge hatynyň tagt ady bolsa – il – döwlet, bilge – paýhasly, dana diýen gadymy göktürkmen sözlerinden emele gelip, “Döwlet paýhasly zenan” diýmegi aňladypdyr.
Orhon ýazgylarynyň “Kül tegin hormatyna” ýazgylarynyň 132-nji setirinde Kül teginiň adyndan daşa oýulyp, gadymy oguz elipbiýinde ýazylan: “Asman (Gök Taňry) meniň kakam Ilteriş kagany we meniň ejem Ilbilge hatyny aldy-da, olary belende göterdi”.
Ikinji Göktürkmen kaganlygynyň (Gündogar göktürkmen kaganlygynyň) şol döwürdäki esasy aýratynlygy döwletiň başynda esasan iki sany iň kuwwatly taýpanyň hanlary durupdyr. Bozgurt (Aşina) taýpasy we Gutlug (Aşide) taýpasy. Hakan – Bozgurt kowmundan, Hakanyň hatyny – Gutlug aýmagynyň (taýpasynyň) Baş kowumy (boýy, urugy, tiresi) Aýdarhan boýundan bolup, Hakanyň hatyny “Tarhan hatyn” (Darhan kadyn) titulyny (unwanyny) göteripdir we döwleti dolandyrmakda özbolusly giň ygtyýarlyklara eýe bolupdyr.
Bilge kaganyň aýalynyň ady “Bogybek”, “Bo-beg”, ýagny “Bäbek” bolupdyr. Bäbek hatyn barada aýdylanda, şu maglumatlaryň

üstünde durup geçmek ýerlikli bolar. Bäbek (Bobeg Bogybeg, hytaýça “Pofu”) hatynyň ady, “Bo, Bogy – horjun, bukja” we “beg-üstün, artykmaç” diýen gadymy türkmen sözlerinden emele gelip, akyl, gözellik, edep-ekram bukjasy, horjuny manysynda ulanylypdyr. Bilge hakanyň aýaly Bäbek hatyn Gündogar Göktürkmen hakanlygynyň Boýla Baga tarhany Tonýukukyň gyzy bolupdyr.
Mälim bolşy ýaly, döwürleriň geçmegi bilen dilem özgerýär üýtgeýär. “Bäbek” sözi häzirki zaman türkmen diliniň semantikasynda (dil birliginiň (sözüň) aňladýan manysynda) täze dünýä inen ýa-da heniz ýöräp, gepläp başlamadyk çagajygy aňladýandygy hemmämize belli. Ýöne şol bir wagtda-da halkyň ganyna ornan endikleri müňýyllyklaryň hem bozup bilmeýändigine-de haýran galýarsyň. Sebäbi biziň halkymyzda häzirki döwürde-de “Bäbek” ady, onuň ýeke özi, şeýle hem, ol ýa-da beýleki bir atlar bilen goşulyp, hemişe diňe gyzlara, juda seýrek duş gelýän ýagdaýda-da oglanlara dakylmagyny dowam etdirilip gelinýär. Mysal üçin: Akbäbek, Gyzbäbek, Ogulbäbek, Gülbäbek…
Aslynda, gadymy türkmen jemgyýetçilik gurluşynda zenanyň iňňän ähmiýetli orny bolupdyr. Mysal üçin, durmuşy tejribesi ýetik, il içinde abraýly, ýaşuly zenanlaryň – Töraýym diýen derejesi köpçülik tarapyndan ykrar edilipdir. Bu dereje töre – kada-kanun, düzgün, aýym – aýdýan, gepleýän diýen gadymy türk (men) sözlerinden gelip çykypdyr we Töraýym kadynyň boýuň (obanyň, kowmuň, urugyň) ýa-da aýmagyň (taýpanyň) özboluşly kethudadysydygyny (enesidigini) aňladypdyr.
Bäbek hatynyň kakasy, iki kaganyň Baş weziri bolan Tonýukukyň adynyň häzirki zaman transkripsiýasy hakda aýdylanda, W.M.Nikiforow «Языки коренных народов Сибири» atly 1999-njy ýylyň 5-nji sanynda çykan ýygyndyda çap edilen «К этимилогии имени Тоньюкук» atly makalasynda “Tonýukuk” adynyň “Daşdaban”, “Daşaýak”, “Okdaban”, “Oktoýnak”, “Daştoýnak” diýen manyny aňladýandygyny degerli delillendirýär. Şu nukdaýnazardan Tonýukukyň adyny “Daşaýak” diýen görnüşde almagy makul bilýärin.
Boýla baga tarhan – Ikinji göktürkmen kaganlygy döredilip, Gutlug beg 682-nji ýylda hökümdarlyga göterilenden soňra onuň Daşaýak bege (Tonýukuka) bagyşlan unwany (tituly, derejesi). Ikinji göktürkmen kaganlygynda kagandan soňky iň ýokary döwlet wezipesi bolup, baş weziriň (premýer-ministriň) wezipesi bilen

barabar ekeni. Bu unwan: boýla – taýpanyň ýa-da ülkäniň aýry-aýry bölekleri; baga – perman, buýruk; tarhan – erkin, özygtyýarly, özerkli beg diýen sözlerden emele gelip, “Ähli illere (welaýatlara) özerkli emr edip bilýän beg” diýen ýaly manyny aňladypdyr. Daşaýak beg 646-731-nji ýyllarda ýaşap geçipdir.

Kül tegin (Başgaça “Köl tegin” ýa-da “Gol tegin”) hem Bilge hakanyň jigisiniň beg ady, onuň ýigit ady “Bars beg” bolupdyr. Bilge hakanyň oglan ady bolsa “Mergen” bolupdyr. Onuň adynyň hytaý çeşmelerinde “Muagilýan” diýlip atlandyrylmagy bolsa, hytaý transkripsiýasynda hemme ýagdaýlarda-da asylky türk(men) atlary hytaý diliniň özboluşly aýratynlyklaryna laýyklykda üýtgeýänliginden gelip çykypdyr. Özge dillerdäki atlaryň başga dilde aýdylanda üýtgedilmegi hemme dillere-de mahsusmyka diýýärin. Mysal üçin, rus dilinden “окошко” diýen söz türkmen diline “äpişge” diýen görnüşde geçipdir. Ýa-da arap dilinden “me kitap – kitap okalýan ýer” diýen söz düzümi türkmen diline geçende “mekdep” diýen görnüşde birleşip, üýtgäp geçipdir. Hytaý sene ýazgylary gadymy dünýäniň taryhy öwrenmegiň esasy çeşmeleriniň biri bolup durýar. Şonuň üçinem biziň halkymyzyň gadymy gahrymanlarynyň atlary hem taryha köplenç hytaý transkripsiýasynda girýär. Mysal üçin, meşhur hun hökümdary Mete hanyň ady hun dilinde “Bagadur”, “Bahadyr”, “Batyr” bolandygy, soň bolsa onuň tagt adynyň hytaýça üýtgedip “Mode” ýa-da “Modilýan” diýen görnüşe geçendigi hakyndaky garaýyşlar öňe sürülýär.

Bilge hakanyň inisi Kül teginiň ady bolsa “kül, köl – köp, artykmaç, üstün” diýen gadymy türk (men) sözünden emele gelendir diýip çaklamak bolar. Bars beg Kültegin –Ikinji göktürkmen kaganlygynyň Baş serkerdebaşysy (abatarhany) hem-de ähli begleriň hany (ýabgusy), 685-731-nji ýyllarda ýaşap geçipdir. Bars begiň Kaganlygyň abatarhany – baş serkerdesi bolandan soňky alan “Kül” adynyň yzyna goşulan “tegin” tituly (unwany) bolsa, onuň Kaganlygyň tagtynyň mirasdüşer şazadasydygyny aňladýar. Zenan şahsyýetler